TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
– GARAŞSYZ, HEMIŞELIK BITARAP TÜRKMENISTAN WATANYMYZYŇ ABRAÝYNY BELENDE GALDYRMAK, WATANYMYZY, HALKYMYZY SÖÝMEK HEM-DE GUWANMAK BIZIŇ HER BIRIMIZIŇ BORJUMYZDYR.

ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
25-nji sentýabr, 2026. Belgisi 39/1709



23-nji sentýabrda paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Ýurdumyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibine mähriban halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmäge, şeýle hem ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdirilen möhüm meseleler girizildi.

# HALK MASLAHATY — BELENT MAKSATLARYŇ BEÝANY

Maslahat köşgünde baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Mejlise gatnaşyjylar türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowy ör turup, şowhunly el çarpyşmalar bilen garşyladylar.

Soňra Gahryman Arkadagymyz ýygnananlara ýüzlenip, ilki bilen, olary we ýurdumyzyň ähli halkyny jemgyýetimiziň we döwletimiziň durmuşyndaky möhüm waka – ata Watanymyzyň beýik Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady hem-de berk jan saglyk, abadan, bagtyýar durmuş, merdana türkmen halkymyza gülläp ösüş we bagtyýarlyk arzuw etdi. Milli Liderimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly baýramynyň giňden bellenilýän günlerinde merdana ata-babalarymyzyň asylly däplerine eýerip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilýändigini aýtdy.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda biz ýurdumyzyň baş baýramyny – beýik Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny aýratyn buýsanç bilen garşylaýarys. Garaşsyzlyk ýyllarynyň dowamynda ägirt uly işler amala aşyryldy. Türkmenistan dünýäniň abraýly hem-de kuwwatly döwletleriniň birine öwrüldi» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri belledi.

Dabaraly pursat gelip ýetdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň mejlisini açyk diýip yglan etdi.

Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde ýurdumyzyň durmuşyna degişli wajyp soraglaryň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny hem-de möhüm çözgütleriň kabul ediljekdigini aýtdy. Türkmen halkynyň Milli Lideri ýygnananlaryň biragyzdan goldamagynda we doly makullamagynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibiniň tassyklanylandygyny yglan etdi.

«Garaşsyzlygymyzy gorap saklamak we berkitmek biziň beýik maksadymyzdyr. Ýurdumyzyň her bir raýaty bu beýik maksat üçin, döwletimiz, halkymyz, Garaşsyzlygymyz hem-de hemişelik Bitaraplygymyz üçin ak ýürekden gulluk edýär. Bu ugurda Türkmenistanyň Halk Maslahaty adamlary belent maksatlaryň daşynda birleşdirip, öňe alyp gitmekde uly güýç bolup çykyş edýär!» diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

«Häzirki wagtda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 – 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasyna» laýyklykda, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini düýpli özgertmek, sebitlerimiziň ykdysady, durmuş we medeni taýdan ösüşini üpjün etmek bilen bagly wezipeler üstünlikli amala aşyrylýar» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, «Türkmenistan – Birleşen Milletler Guramasy» strategik maslahat beriş geňeşiniň döredilmegi, Halkara Bitaraplyk gününiň esaslandyrylmagy buýsandyryjy wakalardyr. Şeýle hem umumadamzat gymmatlyklaryna daýanýan «Dialog – parahatçylygyň kepili» atly filosofiýamyz dünýäniň syýasy giňişliginde möhüm ähmiýete eýe boldy.

«Men bularyň ählisini biziň Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, dostluk we ynsanperwerlik gymmatlyklarymyza dünýä bileleşigi tarapyndan berlen iň uly baha, ýokary ynam diýip hasap edýärin» diýip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy aýtdy.

Milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde ýetilen sepgitler, ilkinji nobatda, döwletliligimiziň binýady bolan beýik Garaşsyzlygymyzdan gözbaş alýar. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan Türkmenistany dünýäniň senagat we ulag-logistika merkezleriniň birine öwürmek üçin uly işlere badalga berildi. Bu döwürde milli maýa goýum strategiýasy netijeli amala aşyrylyp, Türkmenistanda döwrebap täze pudaklar hem-de senagat kärhanalary döredildi.

«Bu ugurda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň döwlet maksatnamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda iri senagat desgalary ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny artdyrmakda möhüm orna eýedir. Bu senagat desgalarynyň ählisi ahyrky netijede raýatlarymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmaga hyzmat edýär. Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawod, «Marykarbamid», «Garabogazkarbamid» zawodlary, «Balkan», «Lebap» we «Bäherden» sement zawodlary, «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasy, «Türkmen aýna önümleri» kärhanasy öz önümleri bilen ýurdumyzyň senagatlaşma strategiýasyna we importyň ornuny tutýan önümçilige ägirt uly goşant goşýar» diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy.

Bellenilişi ýaly, oba hojalyk pudagynyň gurluşy düýpli özgerdi. Ýurduň obasenagat pudagyny ösdürmek bilen pagta we galla hasylyny ýetişdirmäge uly ähmiýet berilýär. Munuň özi ýurdumyzyň azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde möhüm bolup durýar.

Energetika senagaty hem ýokary depginde ösdürilýär. Täze gazturbinaly elektrik stansiýalary gurlup, Gün, ýel stansiýalary ýaly innowasion taslamalar üstünlikli amala aşyrylýar. Geljegi uly we çalt depginler bilen ösýän pudaklaryň ýene biri himiýa senagatydyr. Ýurduň tebigy baýlyklary mineral dökünleriň ähli görnüşini öndürmäge mümkinçilik berýär. Himiýa kärhanalary ýokary hilli mineral dökünleri, tehniki ýody, sulfatdyr beýleki himiki önümleri öndürýär.

Gahryman Arkadagymyz çykyşyny dowam edip, ýurdumyzyň nebitgaz toplumynyň hem yzygiderli ösýändigini belledi. Täze-täze nebitli-gazly ýataklar açylyp ulanmaga berilýär. Nebitgaz önümlerini gaýtadan işleýän täze kuwwatlyklar gurlup, halkara taslamalar durmuşa geçirilýär.

«Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy» ýurdumyzyň ýangyç-energetika toplumyny döwrebaplaşdyrmaga, nebitiň we gazyň çykarylyşyny artdyrmaga, halkara energetika bazarlaryna iberilýän harytlaryň möçberini hem-de ugurlaryny giňeltmäge gönükdirilen strategiýadyr.

«Durmuşa geçirilýän iri taslamalaryň biri hem Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygydyr. Bu transmilli taslama ýurdumyzyň energetika strategiýasyny durmuşa geçirmekde möhüm ädimdir hem-de tutuş sebitiň durnukly ösüşine we doganlyk halklaryň abadançylygyna gönükdirilendir» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy.

Bellenilişi ýaly, 2008-nji ýylda döredilen Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi geçen 18 ýylyň içinde 30 müňe golaý agzany özünde jemleýän iri jemgyýetçilik guramasyna öwrüldi. Birleşmäniň agzalary tarapyndan gurlan 1500-den gowrak senagat ugurly önümçilik hereket edýär. Olar plastik, metal önümleri, gurluşyk materiallaryny, dürli himiýa önümlerini, haly önümlerini, elektroenjamlary, öý harytlaryny, mebelleri we azyk önümlerini öndürýän köp sanly kiçi we orta zawodlary öz içine alýar.

Ýurdumyzyň senagat düzüminde täze ugurlar hem açylýar. Şolaryň biri-de elektron senagatydyr. Elektron senagaty milli ykdysadyýeti diwersifikasiýa etmek we importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek maksady bilen ýurdumyzda giňden ösdürilýän täze we innowasion pudakdyr.

Bellenilişi ýaly, senagat we gurluşyk önümçiligi pudagy hem uly ösüşe eýe bolýar. Ýurdumyzda döwrebap senagat kärhanalary yzygiderli gurulýar, bar bolanlarynyň durky täzelenýär. Senagat we gurluşyk önümçiligi pudagy ýurdumyzyň ähli künjeklerinde alnyp barylýan giň gerimli gurluşyklary zerur bolan gurluşyk önümleri we beýleki serişdeler bilen üpjün edýär.

Gahryman Arkadagymyz çykyşyny dowam edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gazanylýan üstünliklerde ýaşlarymyzyň hyzmatynyň örän uludygyny nygtady.

Häzirki wagtda ýurdumyzyň ähli şäherlerinde, obalarynda häzirki zaman tehnologiýalary bilen üpjün edilen döwrebap bilim edaralary gurulýar.

«Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň milli bilim ulgamyny ösdürmegiň milli institutyny döretmek boýunça teklipleri taýýarlamaly we bu ugurda degişli işleri geçirmeli. Şeýle hem ýurdumyzda ýokary hünärli pedagogik işgärleriň durnukly işlemegini üpjün etmek maksady bilen, okuw dersleri boýunça mugallymlara bolan islegiň bäş ýyllyk çaklamasyny taýýarlamaga möhüm ähmiýet bermeli. Netijede, pedagogik ugurly bilim edaralarynyň uçurymlary orta mekdeplerde we çagalar baglarynda öz alan bilimi we başarnyklary boýunça ýurdumyzyň bilim ulgamyny ösdürmäge mynasyp goşandyny goşarlar» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy.

Bellenilişi ýaly, Türkmenistan konstitusion esasda her bir adamyň durmuş taýdan goraglylygyny kepillendirýän döwletdir. Garaşsyzlygymyzyň ilkinji ýyllaryndan başlap, durmuş syýasaty, öňi bilen, zähmeti goldamaga we goraga mätäç raýatlara gönükdirilendir. Köp çagaly maşgalalara, hossarsyz çagalara, weteranlarymyza giňden goldaw berilýär. Her bir raýatyň mynasyp durmuş şertlerinde ýaşamagyna gönükdirilen bu syýasat jemgyýetimiziň agzybirligini, ýurdumyzyň syýasy hem durmuş taýdan durnuklylygyny üpjün edýär.

Halkymyzyň abadan durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen «Türkmenistanda ylmy-lukmançylyk diplomatiýasyny ösdürmegiň 2026 – 2052-nji ýyllar üçin Milli strategiýasy» milli saglygy goraýyş ulgamyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek üçin täze gözýetimleri açýar. Türkmen halkynyň Milli Lideri geljekde hem milli saglygy goraýyş ulgamynyň işini ösdürmegiň dowam etdiriljekdigini nygtady.

«Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyzdyr. «Atym bar – ganatym bar», «At agynan ýerde toý bolar», «At – döwletlilik», «At rysgaly alnynda» diýlişi ýaly, halkymyz ähli haýyr işleri bedew bilen baglanyşdyrýar. Gözelligiň we kämilligiň nusgasy hökmünde ykrar edilen ahalteke bedewi Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň okgunly ösüşleriniň baş nyşanyna öwrüldi. «Asman atlary», «Nusaý atlary», «ganatly bedewler» diýlip, dünýä ýüzünde meşhur bolan behişdi bedewlerimiziň şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak boýunça maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär» diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

«Niderlandlar Patyşalygynda ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen atly sport we gözellik bäsleşiginiň dünýä çempionaty bolsa ahalteke bedewleriniň halkara abraýyny we şan-şöhratyny artdyrmakda aýratyn möhüm waka boldy. Ýene-de sanlyja günlerden bolsa mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygynyň toýlanýan günlerinde biz Türkmenistanyň Prezidentiniň 1200 orunlyk Ahalteke atçylyk toplumyny dabaraly ýagdaýda açyp ulanmaga bereris. Bu zatlaryň ählisi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda dünýäde uly meşhurlyk gazanan behişdi ahalteke bedewlerimiziň şan-şöhratyny has-da belende göterdi» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri nygtady.

«Häzirki döwürde ýurdumyzyň ilkinji «akylly» şäherinde Gün elektrik stansiýasynyň synag taslamasy amala aşyrylýar. Bu ugurdaky tejribämizi geljekde ýurdumyzyň beýleki şäherlerinde, şol sanda Aşgabat şäherinde hem giňden ulanarys. Häzirki wagtda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynda ýaşaýyş jaýlary bilen birlikde, azyk, senagat önümlerini, derman we lukmançylyk serişdelerini öndürmek üçin kärhanalar hem gurulýar. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň açylyş dabarasy 2027-nji ýylyň şanly wakasyna öwrüler. Biz bu toýa häzirden gowy taýýarlyk görmelidiris. Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyrynyň açylyş dabarasyny ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk toparyny döredip, anyk meýilnamalar esasynda yzygiderli işleri alyp barmalydyrys» diýip, Gahryman Arkadagymyz belledi.

Watana bolan söýgi mukaddesdir. Watanyňy janyňdan eziz görmek, onuň her daban ýerini gözüň göreji ýaly aýap saklamak her bir ynsanyň mukaddes borjudyr. Islendik ynsanyň kalbynyň töründe Watana bolan belent we mukaddes söýgi bolmalydyr. Biziň eziz Watanymyz – bagtyýarlygyň we döwletliligiň mekanydyr. Bu gadymy hem mukaddes toprakda pederlerimizden miras galan agzybirlik bar, halallyk bar.

«Berkarar döwletimiziň iň ýokary gymmatlygy adam we onuň abadançylygydyr. Raýatlarymyzyň bagtyýar we eşretli durmuşyny üpjün etmek biziň baş maksadymyzdyr. Bagtyýar halkymyzyň agzybirligi we jebisligi biziň güýçli döwletimiziň sarsmaz sütünidir. Biziň «Döwlet adam üçindir!» diýen şygarymyz hem-de hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen taglymaty halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyna gönükdirilendir. Biz geljekde hem alyp barýan bu syýasatymyzy üstünlikli dowam etdireris» diýip, türkmen halkynyň Milli Lideri aýtdy.

Gahryman Arkadagymyz öz çykyşyny tamamlamak bilen, mejlise gatnaşyjylara hem-de mähriban halkymyza berk jan saglyk, bagtyýar we abadan durmuş arzuw etdi.

Wekiliýetleriň agzalaryndan gelip gowşan tekliplere laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň prezidiumy saýlanylýar. Gahryman Arkadagymyz olaryň öz ýerlerine geçmeklerini haýyş edýär.

Soňra Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibine hödürlenen soraglar boýunça çykyş etjek adamlara söz berildi.

Çykyşlar tamamlanandan soňra Milli Liderimiz mejlise gatnaşanlara ýüzlenip, şu günki taryhy mejlisde döwlet we syýasy-jemgyýetçilik durmuşymyzdaky örän möhüm soraglaryň ara alnyp maslahatlaşylandygyny, olar boýunça çykyşlaryň diňlenilendigini, mejlisde çykyş edenleriň ählisiniň öňe sürlen başlangyçlary goldandyklaryny aýtdy hem-de çykyş edenlere we ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşanlara minnetdarlyk bildirdi.

Soňra Halk Maslahatynyň mejlisi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda öz işini dowam etdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň geçirilýän ýerine – Maslahat köşgüne geldi. Bu ýerde dutarçylar toparynyň çykyşy ýaýbaňlandyryldy.

Döwlet Baştutanymyzy Gahryman Arkadagymyz mähirli garşylady.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz Garaşsyz, Bitarap döwletimizde ýerine ýetirilen işleri beýan etmek üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza söz berdi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşyjylara ýüzlenip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramynyň giňden we dabaraly ýagdaýda bellenilip geçilýändigini aýtdy. Döwlet Baştutanymyz mejlise gatnaşyjylary we mähriban halkymyzy mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlady we hemmelere berk jan saglygyny, bagtyýar durmuşy, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» diýlip atlandyrylan 2026-njy ýylyň eziz Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe bolandygyny belledi.

«Kabul eden maksatnamalarymyzy üstünlikli durmuşa geçirmek bilen, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Biz şu gün Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmek bilen, Garaşsyz döwletimizi mundan beýläk-de ösdürmekde öňde duran wezipeleri kesgitläris. Bu wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmek maksady bilen, möhüm ähmiýetli resminamalary kabul ederis» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary bilen ykdysadyýetimizi kämilleşdirmäge aýratyn üns berilýär. Halkymyzyň durmuş taýdan goraglylygyny berkitmek we ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak maksady bilen, iri taslamalar durmuşa geçirilýär.

Bellenilişi ýaly, raýatlarymyzyň döwrebap şertlerde ýaşamagy, zähmet çekmegi we dynç almagy üçin durmuş amatlyklaryny özünde jemleýän täze, döwrebap obalar, şäherçeler hem-de şäherler gurulýar. Telekeçilik işini ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzda karz, salgyt we nyrh gurallary netijeli utgaşdyrylyp, ykdysady durnuklylygy saklamaga uly orun berilýär. Bank ulgamyna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, milli töleg ulgamyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça özgertmeler dowam etdirilýär.

Bellenilişi ýaly, ykdysadyýetimiziň pudaklarynda önümçiligiň yzygiderli artdyrylmagy netijesinde, ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüş depgini bellenen derejede saklanýar. Şu ýylyň ahyryna çenli ýurdumyzyň jemi içerki önüminiň ösüş depgininiň 6,3 göterim derejesinde bolmagyna garaşylýar. Ýurdumyzyň maliýe bazaryny yzygiderli kämilleşdirmäge döwlet derejesinde uly ähmiýet berýäris. «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy» esasynda ilatyň iş bilen üpjünçiligini kämilleşdirmäge hem uly üns berilýär.

«Täze kärhanalary gurmagyň we bar bolanlaryň durkuny täzelemegiň hasabyna ýurdumyz boýunça şu ýylyň ahyryna çenli täze döredilen iş orunlarynyň sany 5 müň 300-e golaý bolar. Biz «Türkmenistanyň zähmet bazaryny 2030-njy ýyla çenli ösdürmegiň Konsepsiýasy» esasynda ilatymyzyň iş üpjünçiligini has-da kämilleşdirmek boýunça alyp barýan işlerimizi dowam ederis» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Biziň alyp barýan maýa goýum syýasatymyz ykdysadyýetimizi depginli ösdürmegiň möhüm şertidir. Ýurdumyzda maýa goýum taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu bolsa ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny yzygiderli berkidýär. Hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, «Türkmenistany 2026-njy ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy» esasynda ýurdumyzy ösdürmek üçin şu ýylyň ahyryna çenli 41 milliard 200 million manatdan gowrak möçberde düýpli maýa goýumlar özleşdiriler. Bu bolsa täze önümçilik we medeni-durmuş maksatly desgalary gurmaga hem-de döwrebaplaşdyrmaga şert döredýär. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz ýurdumyzy mundan beýläk-de ösdürmek boýunça göz öňünde tutulan wezipeleri geljek ýyl hem üstünlikli ýerine ýetirmek üçin «Türkmenistany 2027-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» işläp taýýarlamagy tabşyrdy.

«Milli ykdysadyýetimiziň ýokary depginli ösüşi ýurdumyzyň býujet girdejilerini yzygiderli artdyrmaga mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, şu ýyl ýurdumyzyň baş maliýe meýilnamasyndan bilimi, saglygy goraýşy, medeniýeti ösdürmäge, önümçilik we durmuş-medeni maksatly desgalaryň gurluşygyna köp möçberde serişdeler gönükdirildi.

2



# HALK MASLAHATY – BELENT MAKSATLARYŇ BEÝANY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu serişdelerden önümçilik maksatly desgalaryň gurluşygyna maýa goýumlaryň umumy möçberiniň 68,5 göterimi, medeni-durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy üçin hem 31,5 göterimi goýberildi. Ykdysadyýeti özgertmek, innowasion ösüşi gazanmak, şeýle hem hususy pudagyň paýyny giňeltmek arkaly býujetiň girdejileri artdyryldy. Geljekde hem ýurdumyzy ykdysady we senagat taýdan ösdürmek boýunça alyp barýan işlerimizi dowam ederis. Bu durmuş-ykdysady strategiýamyzyň baş maksady bolup durýar» diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda nebitgaz toplumynyň işini dünýäniň soňky gazananlary esasynda döwrebaplaşdyrmak möhüm wezipeleriň biri bolup durýar. Uglewodorod serişdelerini gazyp almak, gaýtadan işlemek we eksport etmek, täze ýataklary özleşdirmek boýunça giň gerimli taslamalary durmuşa geçirmek işleri maksatnamalaýyn alnyp barylýar.

Häzirki wagtda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat – Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygy, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynda täze desgalaryň gurluşyklary ýokary depginde dowam etdirilýär. Şeýle hem Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodyny döwrebaplaşdyrmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Dünýäde iri gaz ýataklarynyň biri bolan «Galkynyş» gaz känini tapgyrlaýyn esasda özleşdirmek işleri üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzda innowasion önümçilikleri döretmek maksady bilen, gurluşyk we senagat toplumynyň işi yzygiderli kämilleşdirilýär, senagat we durmuş maksatly desgalaryň gurluşygy giň gerim bilen alnyp barylýar, gurluşyk materiallary pudagynda dürli görnüşli önümleri öndürmegiň möçberleri hem-de görnüşleri yzygiderli artdyrylýar.

«Şu ýyl Lebap welaýatynyň Köýtendag etrabynda gurluşyk garyndylaryny hem-de gipsokarton önümlerini öndürýän döwrebap kärhanany işe girizip, gurluşyk pudagynyň binýadyny has-da berkideris. Himiýa senagatynda täze önümçilikleri döretmek boýunça hem netijeli işler durmuşa geçirilýär. Şu ýyl himiýa senagatynyň işgärleri üçin Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumyny dabaraly ýagdaýda açyp ulanmaga bereris» diýip, döwlet Baştutanymyz sözüni dowam etdi.

Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumyň, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynyň düzüminde mineral dökünleri öndürýän toplumyň gurluşygy alnyp barylýar. Şeýle hem ýurdumyzyň Daşoguz welaýatynyň Garaşsyzlyk etrabynda azotly dökünleri öndürýän täze döwrebap toplumy, Balkan welaýatynyň «Balkanabat» ýod zawodynda tehniki ýod we brom hem-de tehniki uglerod öndürýän täze önümçilik desgalaryny, «Guwlyduz» kärhanasynda dürli görnüşli duzlary öndürýän önümhanany gurmak meýilleşdirilýär.

«Daşary ýurtlara elektrik energiýasyny ygtybarly ibermek, içerki sarp edijileri elektrik energiýasy bilen bökdençsiz üpjün etmek boýunça netijeli işler durmuşa geçirilýär. Şu ýyl Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda döwrebap köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň ulanmaga berilmegi energetika pudagynyň mümkinçiliklerini has-da artdyrar. Häzirki wagtda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde utgaşykly dolanyşykda işleýän elektrik stansiýasynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Bellenilişi ýaly, awtomobil ýollaryny döwrebaplaşdyrmak we olaryň dünýä standartlaryna gabat gelmegi üçin pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Döwlet ähmiýetli awtomobil ýollaryny gurmak boýunça hem netijeli işler durmuşa geçirilýär. Şu ýyl umumy uzynlygy 600 kilometr bolan Aşgabat – Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň Mary – Türkmenabat bölegi açylyp ulanmaga berildi. Häzirki wagtda Türkmenbaşy – Garabogaz – Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar.

«Şeýle hem şu ýyl biz möhüm ähmiýeti bolan Aşgabat – Daşoguz awtomobil ýolunyň durkuny täzelemek işine badalga bermegi meýilleşdirýäris. Umuman, Türkmenistanda amala aşyrylýan özgertmeler ýurdumyzy öňdebaryjy senagat we ýokary tehnologiýaly önümçilik merkezine öwürmegi maksat edinýär» diýip, döwlet Baştutanymyz nygtady.

Häzirki wagtda Türkmenistan kuwwatly senagat döwletine öwrüldi. Ýurdumyzyň ösen senagaty ykdysady we durnukly ösüşi üpjün edýär. Ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmek boýunça alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de dowam etmek maksady bilen, «Türkmenistany senagat taýdan ösdürmegiň 2030 – 2045-nji ýyllar üçin Milli strategiýasynyň» kabul edilmegi döwrüň talaby bolup durýar.

«Biziň alyp barýan durmuş syýasatymyzyň netijesinde ýurdumyzyň welaýatlaryny, Aşgabat we Arkadag şäherlerini ösdürmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen, ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gurlan «akylly» şäher – Arkadag şäheri abadan hem bagtyýar durmuşymyzyň görkezijisi bolup durýar. Häzirki wagtda Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyry alnyp barylýar. Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, biz geljekde hem «akylly» şäherleri döretmek ugrunda netijeli iş alyp bararys» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Bellenilişi ýaly, üstünliklere beslenýän ýylda Mary welaýatynyň Ýolöten etrabynda 4 müň 500 hojalyga niýetlenen täze, döwrebap şäherçäniň gurluşygyna badalga berildi. Şu ýyl Aşgabat şäherinde täze, döwrebap ýaşaýyş jaý toplumlary dabaraly ýagdaýda açylyp ulanmaga berler, Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda açylyp ulanmaga beriljek döwrebap obada hem bagtyýar raýatlarymyzyň ýaşamagy üçin ähli amatly şertler dörediler.

Döwlet Baştutanymyz sözüni dowam edip, oba hojalyk pudagynda azyk howpsuzlygyny berkitmek, gaýtadan işleýän ýeňil senagaty çig mal bilen üpjün etmek we önümçiligiň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça netijeli işleriň alnyp barylýandygyny belledi.

Şu ýyl Daşoguz welaýatynda kuwwatlylygy 60 müň tonna senagat pagta çigidini gaýtadan işlemäge we ösümlik ýagyny öndürmäge niýetlenen döwrebap kärhananyň düýbüni tutmak meýilleşdirilýär. Ýurdumyzyň oba hojalyk pudagyny toplumlaýyn ösdürmegiň çäklerinde pudagyň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Bellenilişi ýaly, ylmy-barlag institutlary tarapyndan ekerançylyk, maldarçylyk we tohumçylyk babatda düýpli ylmy-barlaglar ýerine ýetirilýär.

Şu ýyl gallaçy daýhanlarymyz tarapyndan Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý hasyly tabşyryldy. Bu zähmet üstünligi ýurdumyzyň zähmetsöýer daýhanlarynyň Watanymyzyň Garaşsyzlyk baýramynyň şanly 35 ýyllyk toýuna mynasyp sowgadydyr. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Watan öňündäki şertnamalaýyn borçnamalaryny ýerine ýetiren ussat gallaçy daýhanlarymyzy gazanan netijeleri bilen tüýs ýürekden gutlady.

Bellenilişi ýaly, şu ýyl pagtaçy daýhanlarymyzyň tutanýerli zähmeti bilen Watan harmanyna 1 million 250 müň tonna «ak altynyň» tabşyrylmagy göz öňünde tutulýar. Ýüpekçilik pudagyny ösdürmek boýunça öňde goýlan wezipeler hem netijeli durmuşa geçirilýär. Şu ýyl 2 müň 100 tonnadan gowrak pile öndürildi. Maldarçylyk we guşçulyk pudagy hem ösdürilýär. Gara mallaryň, dowarlaryň, guşlaryň, düýeleriň baş sany yzygiderli artdyrylýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ahalteke bedewlerini we atçylyk sungatyny halkara derejede giňden beýan etmek maksady bilen, ýurdumyzda we dünýä döwletlerinde giň gerimli halkara çäreler geçirildi.

«Ahalteke bedewlerimiziň baş sanyny artdyrmak we olaryň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak işlerini dowam etmek maksady bilen, ahalteke bedew atlarynyň döwlet goragy boýunça Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi bu ugurdaky alyp barýan işlerimizi has-da kämilleşdirmäge ýardam berer» diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy.

Bellenilişi ýaly, ykdysadyýetimiziň öňdebaryjy pudaklarynyň biri hem söwda toplumydyr. Ýurdumyzda harytlaryň elýeterliligi we bahalaryň durnuklylygy üpjün edilip, söwdanyň hili yzygiderli ýokarlanýar. Bazarlary öz ýurdumyzda öndürilen oba hojalyk, azyk we beýleki sarp ediş harytlary bilen bolelin üpjün etmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

«Ýurdumyzda we dünýä döwletlerinde geçirilýän halkara sergiler, maslahatlar, işewürlik duşuşyklary söwda hyzmatdaşlygyny berkitmäge ýardam edýär. Biz 2027-nji ýylda Serbiýa Respublikasynda geçiriljek «EKSPO – 2027» Bütindünýä sergisine milli sergimiz bilen gatnaşarys» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy. Bellenilişi ýaly, dokma senagatyny döwrebaplaşdyrmak boýunça-da möhüm işler alnyp barylýar, ýokary hilli dokma önümlerini öndürmek bilen, halkara talaplara laýyk gelýän eksport önümçiligi giňeldilýär. Halkymyzyň meşhur halyçylyk sungatyny ösdürmäge hem aýratyn üns berilýär. Bu ajaýyp sungaty dünýä ýaýmak, yzygiderli kämilleşdirmek üçin zerur işler geçirilýär.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda alnyp barylýan maksatnamalaýyn işleriň netijesinde hususy pudagyň orny yzygiderli ýokarlanýar. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşýarlar.

Döwlet Baştutanymyz geljekde hem kiçi, orta we iri telekeçiligi ösdürmegiň dowam etdiriljekdigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, ulag we aragatnaşyk toplumynda hem giň gerimli maksatnamalaýyn işleriň durmuşa geçirilýändigini aýtdy. Bellenilişi ýaly, Türkmenistanyň kuwwatly ulag-logistika ulgamy ýurdumyz we sebitiň döwletleri üçin ägirt uly ykdysady mümkinçilikleri açýar. Ýurdumyzda ulag ulgamynyň geçirijilik ukybyny has-da ýokarlandyrmaga, üstaşyr we halkara ýük gatnawlaryny has-da giňeltmäge möhüm ähmiýet berilýär. «Emeli aň» tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça halkara tejribesini öwrenip, sanly hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar.

«Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň kuwwatyndan netijeli peýdalanyp, milli deňiz söwda floty yzygiderli döwrebaplaşdyrylýar. Şu ýyl «Balkan» gämi gurluşyk we abatlaýyş zawodynda gurlan «Gadamly» atly gury ýük gämisiniň ilkinji halkara ýüzüşine ak pata berildi. Biz ýurdumyzda ulag we aragatnaşyk toplumyna degişli önümçilik we durmuş maksatly desgalary gurmak, maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek işlerini mundan beýläk hem dowam etdireris» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzda milli bilim ulgamyny döwrebaplaşdyrmak boýunça hem maksatnamalaýyn işler durmuşa geçirilýär. Bu ugurda ýaş nesiller üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Gahryman Arkadagymyzyň Arkadag şäheriniň Ruhyýet köşgünde Bilimler we talyp ýaşlar güni mynasybetli ýaşlaryň gatnaşmagynda geçen okuw sapagynyň ähmiýetini aýratyn belledi. Hormatly Arkadagymyz ýaşlarymyza öz gymmatly öwüt-nesihatlaryny berdi. Birnäçe tekliplerini, garaýyşlaryny beýan etdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2031-nji ýyla çenli Döwlet maksatnamasynyň» kabul edilmeginiň ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmekde möhüm ähmiýete eýe boljakdygyna berk ynam bildirdi.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, Gahryman Arkadagymyz tarapyndan işlenip taýýarlanan «Saglyk» Döwlet maksatnamasy esasynda, ýurdumyzda milli saglygy goraýyş we derman senagaty pudagyny ösdürmäge möhüm ähmiýet berilýär. Täze tehnologiýalary ornaşdyrmak, şeýle hem lukmançylyk hyzmatlarynyň elýeterliligini, hilini ýokarlandyrmak arkaly pudagyň işi has-da kämilleşdirilýär. Dünýä meşhur lukmançylyk merkezleri bilen hyzmatdaşlykda hünärmenleri taýýarlamak we olaryň hünär derejesini ýokarlandyrmak boýunça giň gerimli işler durmuşa geçirilýär.

«Şu ýyl Saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynyň işgärleriniň gününe gabatlap, Aşgabat şäherinde Halkara pediatriýa merkezini, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezini, Stomatologiýa merkezini, Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda bolsa «Arçman» şypahanasynyň goşmaça täze bejeriş merkeziniň binalar toplumyny dabaraly ýagdaýda açyp ulanmaga bereris» diýip, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow belledi.

Häzirki wagtda Aşgabat şäher köpugurly hassahanasynyň, paýtagtymyzyň Büzmeýin etrabynda saglyk öýüniň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde etrabara köpugurly hassahananyň, Daşoguz şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň gurluşygy alnyp barylýar. Ýakyn wagtda ýurdumyzyň welaýatlarynda 50 sany oba saglyk öýleriniň we oba saglyk merkezleriniň düýbi tutular. Şeýle hem ýurdumyzyň Mary, Balkan we Lebap welaýatlarynda halkara derejeli onkologiýa merkezlerini, Daşoguz welaýatynda Inçekesel hassahanasyny, Mary şäherinde welaýat köpugurly hassahanasyny, Gyzylarbat, Köneürgenç, Kerki, Ýolöten etraplarynda etrabara köpugurly hassahanalary gurmak meýilleşdirilýär.

Ýurdumyzda sagdyn durmuş kadasyny emele getirmek, köpçülikleýin sporty has-da ösdürmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Sagdyn bedenli nesilleri ýetişdirmäge, ýaşlaryň ahlak we durmuş taýdan ösüşini üpjün etmäge uly ähmiýet berilýär. Hormatly Prezidentimiz geljekde hem türgenlerimiziň halkara derejeli ýaryşlarda döwletimiziň halkara sport abraýyny belende galdyrjakdyklaryna, watansöýüjiligiň, ussatlygyň ajaýyp nusgasyny görkezjekdiklerine berk ynam bildirdi.

Bellenilişi ýaly, medeniýet ulgamyny ösdürmek boýunça hem giň gerimli işler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda raýatlarymyzyň medeniýetli dynç almagy üçin amatly şertleri döretmek maksady bilen, Aşgabat şäherinde 4 müň orunlyk köpugurly medeni merkeziň gurluşygy alnyp barylýar. Ýurdumyzda dürli medeni çäreler, daşary ýurtlaryň Medeniýet günleri, halkara aýdym-saz we teatr festiwallary, edebi mirasymyza bagyşlanan ylmy maslahatlar, forumlar yzygiderli geçirilýär. Şu ýyl Medeniýet hepdeligi Balkan welaýatynda geçirildi. Geljek ýyl bolsa Medeniýet hepdeligi Daşoguz welaýatynda geçiriler.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, Türkmenistanyň dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýandygyny, ählumumy parahatçylyk, howpsuzlyk we durnukly ösüş babatda halkara bileleşigiň tagallalaryna hemmetaraplaýyn goldaw berýändigini nygtady. Munuň özi daşary syýasatymyzyň esasy ugurlarynyň biridir.

Şu ýyl Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň mejlisinde «Halkara parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüş işini goldamakda hem-de berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnamanyň kabul edilmegi Bitaraplyk syýasatymyzyň rowaçlanýandygyny görkezýän taryhy waka öwrüldi. Şeýle hem ýurdumyzyň başlangyjy bilen «2028-nji ýyl – Halkara hukuk ýyly» atly Kararnamanyň kabul edilmegi ýurdumyzyň halkara derejedäki at-abraýynyň barha ýokarlanýandygyny ýene-de bir gezek görkezdi.

«Şu ýylyň oktýabr aýynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda döwlet Baştutanlarynyň sammitiniň we beýleki halkara ähmiýetli çäreleriň geçirilmegi meýilleşdirilýär. Ýurdumyzda Merkezi Aziýa ýurtlarynyň we Azerbaýjan Respublikasynyň döwlet Baştutanlarynyň konsultatiw duşuşygy, şeýle hem Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň döwlet Baştutanlarynyň Geňeşiniň nobatdaky mejlisi geçiriler. Bularyň ählisi ýurdumyzyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek, döwletleriň arasynda ynanyşmagy berkitmek ugrunda edýän taýsyz tagallalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň beýanyna öwrüler» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

Bitaraplyk türkmen halkynyň beýik gymmatlygydyr. Döwlet Baştutanymyz Türkmenistanyň öz Bitaraplygy bilen halkara we sebit ýagdaýlarynyň birnäçesini parahatçylykly ýol bilen çözmäge uly goşant goşandygyny belledi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň şu mejlisinde «Halkara hukugy we Türkmenistanyň Bitaraplygy» milli Konsepsiýasyny kabul etmek baradaky başlangyjy öňe sürdi we bu resminamanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna eýe bolan döwlet hökmünde Türkmenistanyň halkara giňişlikdäki ornuny mundan beýläk-de berkitmäge ýardam etjekdigine berk ynam bildirdi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz çykyşyny dowam edip, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň Mejlisiniň işiniň hem giňden ösdürilýändigini, milli kanunçylygymyzyň halkara hukugyň kadalaryna laýyklykda yzygiderli kämilleşdirilýändigini nygtady.

«Garaşsyz ýurdumyzyň Mejlisi raýatlaryň kanuny bähbitlerini goramak, ykdysadyýetimiziň pudaklaryny ösdürmek bilen bagly netijeli işleri alyp barýar. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek hem-de halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmak boýunça alnyp barylýan giň möçberli işleriň hukuk esaslaryny pugtalandyrmak zerurdyr. Şeýle hem täze kanunçylyk namalaryny kabul etmegi hem-de kanunlary yzygiderli kämilleşdirip durmagy döwrüň möhüm wezipeleriniň biri diýip hasap edýärin» diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy.

«Häzirki wagtda ýurdumyzda gazanylýan üstünlikler biziň her birimizde hakyky watançylyk duýgusyny, milli buýsanjy döredýär. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň abraýyny belende galdyrmak, Watanymyzy, halkymyzy söýmek hem-de guwanmak biziň her birimiziň borjumyzdyr. Şoňa görä-de, Garaşsyzlygymyz we hemişelik Bitaraplygymyz, bagtyýar we abadan durmuşymyz üçin örän tutanýerlilik bilen zähmet çekmelidiris. Öňde goýlan täze wezipeleri hem-de belent maksatlary agzybirlikde amala aşyrmalydyrys» diýip, hormatly Prezidentimiz nygtady.

Döwlet Baştutanymyz Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşyjylary we mähriban halkymyzy eziz Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady we hemmelere berk jan saglygyny, abadan hem-de bagtyýar durmuşy, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyza rowaçlyklary arzuw etdi.

«Goý, Garaşsyz döwletimiziň dünýädäki at-abraýy mundan beýläk-de belent bolsun! Ýaşasyn Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan!» diýen şygarlar bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow çykyşyny jemledi.

Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, hormatly Prezidentimiziň döwletimiziň we Hökümet agzalarynyň ýerine ýetiren işlerini beýan edendigini aýtdy hem-de eden çykyşy üçin Arkadagly Gahryman Serdarymyza minnetdarlyk bildirdi. Soňra Gahryman Arkadagymyz şu gün Halk Maslahatynyň mejlisinde möhüm ähmiýeti bolan Permandyr Kararlaryň işlenip taýýarlanylandygyny aýtdy.

«Ula hormat, kiçä sylag» diýlişi ýaly, ilki bilen, hormatly ýaşulularymyzy we enelerimizi sylaglamak hakyndaky, zähmetde gazanan üstünlikleri bilen tapawutlanan ýurdumyzyň raýatlaryny Garaşsyzlyk baýramy mynasybetli döwlet sylaglary bilen sylaglamak hakyndaky Permanlar, şeýle hem halkymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygyny dabaraly belläp geçmegi we oňat dynç almagy üçin oňaýly şertleri döretmek maksady bilen, degişli Perman işlenip taýýarlanyldy.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyz dünýäde parahatçylygy, ynanyşmagy we özara düşünişmegi gorap saklamaga hem-de berkitmäge uly ähmiýet berýär. Bu ugurda halkara başlangyçlaryny yzygiderli öňe sürýär. Şunuň bilen baglylykda, «Halkara hukugy we Türkmenistanyň Bitaraplygy» atly milli konsepsiýa işlenip taýýarlandy.

Şeýle hem arassa ganly ahalteke bedew atlarynyň genofonduny gorap saklamak maksady bilen, «Türkmenistanda ahalteke bedew atlarynyň döwlet goragy hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň taslamasy, ýurdumyzda üstünlikli durmuşa geçirilýän ýaşlar syýasatyny geljekde hem dowam etdirmek maksady bilen, «Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2031-nji ýyla çenli Döwlet maksatnamasy» işlenip taýýarlandy. Bellenilişi ýaly, häzirki wagtda ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmek maksady bilen netijeli işler durmuşa geçirilýär. Alnyp barylýan bu işleri mundan beýläk-de dowam etmek maksady bilen «Türkmenistany senagat taýdan ösdürmegiň 2030 – 2045-nji ýyllar üçin Milli strategiýasy» işlenip taýýarlandy. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyz hormatly Prezidentimizden bu resminamalara gol çekmegi haýyş etdi.

Döwlet Baştutanymyz ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda degişli resminamalara gol çekdi.

Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, hormatly Prezidentimiziň tabşyrygy boýunça ertir sylaglary gowşurmak dabaralarynyň geçiriljekdigini belledi.

Soňra arakesme yglan edildi. Arakesmede Söwda-senagat edarasynyň binasynda toý sadakasy berildi.

Arakesmeden soňra, mejlis öz işini dowam etdi.

Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, hormatly Prezidentimiziň gol çeken Permanlary esasynda sylaglary gowşurmak dabarasyna başlamagy, Halk Maslahatynda däp bolşy ýaly, hormatly ýaşulularymyza we enelerimize mynasyp bolan sylaglary gowşurmagy teklip etdi hem-de mejlise gatnaşyjylaryň adyndan döwlet Baştutanymyza her welaýatdan, Aşgabat we Arkadag şäherlerinden «Hormatly il ýaşulusy» diýen ada we «Zenan kalby» ordenine mynasyp bolan adamlara sylaglary gowşurmak haýyşy bilen ýüzlendi.

Permanlary okamak üçin Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy D.Gulmanowa söz berildi.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow «Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy» diýen ada mynasyp bolan ýaşululara hem-de «Zenan kalby» ordenine mynasyp bolanlara sylaglary dabaraly ýagdaýda gowşurdy.

Soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyz jemleýji söz bilen çykyş etdi.

Gahryman Arkadagymyz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip: «Şu gün Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde siziň bilen örän möhüm soraglary ara alyp maslahatlaşdyk. Prezident Maksatnamasyna laýyklykda geljekde öňde durýan wezipeleri kesgitledik. Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge gönükdirilen resminamalary kabul etdik» diýip belledi.

Gahryman Arkadagymyz gün tertibine girizilen soraglary ara alyp maslahatlaşmaga gatnaşandyklary üçin hemmelere minnetdarlyk bildirip, berkarar Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlady hem-de mähriban halkymyza, mejlise gatnaşanlara berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, ýurdumyzyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etmek bilen, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýapyk diýip yglan etdi.

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 25-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119545
Belgisi: 39/1709
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

**BIZIŇ SALGYMYZ:** Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
**Tel/Faks:** 28-14-05, 28-14-36
**web sahypa:** www.zamanturkmenistan.com.tm
**e-poçta:** info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat berijі jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

**Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi:** 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 35 ÝYLLYGYNA

## «TÜRKMENHIMIÝA» DÖWLET KONSERNINIŇ «TÜRKMENTURBA» ZAWODY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Size şanly baýramçylyk bolan Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli iň gowy arzuwlarymyzy ýollaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Garaşsyzlygyň şanyna şan, şöhratyna şöhrat goşdy. Bu şanly baýramçylyk mynasybetli Sizi we halkymyzy gutlamak bilen, şu baýramçylyga utgaşyp gelýän toýlaryň köp bolmagyny, Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak bolmagyny, halkymyzyň mertebesiniň has-da belende galmagyny we ýurdumyzyň gülläp ösmegini arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMENHIMIÝA» döwlet konserniniň «TÜRKMENTURBA» zawodynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## IKCO — IRAN KHODRO Industrial Group

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENT!**

«Iran Khodro» kompaniýasynyň adyndan Sizi we Türkmenistanyň halkyny Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys!

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan parahatçylyk, durnuklylyk we ösüş ýoly bilen ynamly öňe gidip, dürli ugurlarda uly üstünlikleri gazandy we halkara giňişliginde mynasyp abraýa eýe boldy.

Eýran Yslam Respublikasy bilen Türkmenistanyň arasyndaky dostlukly, hoşniýetli goňşuçylyk we özara bähbitli gatnaşyklar üstünlikli ösdürilýär. «Iran Khodro» kompaniýasy hem bu gatnaşyklaryň mundan beýläk-de pugtalandyrylmagyna we iki ýurduň arasyndaky söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine mynasyp goşant goşmaga taýýardyr.

**Hormatly jenap Prezident!**

Şu şanly baýramçylyk mynasybetli Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk we döwlet işiňizde uly üstünlikleri, Türkmenistanyň halkyna bolsa parahatçylyk, abadançylyk we rowaçlyk arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«EÝRAN KHODRO AŞGABAT KO» Golçur kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «Garagum Ulag» H. J.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda uly ruhubelentlik, çäksiz şatlyk we buýsanç bilen bellenilip geçilýän baş baýramymyz – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent, türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«GARAGUM ULAG» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ ГЛУБОКОУВАЖАЕМЫЙ ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА!

Разрешите от имени компании «EDC Romfor Limited» поздравить Вас и весь туркменский народ с 35-й годовщиной Независимости Туркменистана! Искренне желаем Вам, чтобы всегда были успешными все Ваши великие конструктивные инициативы, направленные на дальнейшее процветание Независимого, Нейтрального Туркменистана, уверенно следующего к новым высотам прогресса, укрепление мира и дружбы на планете!

Ещё раз от всего сердца поздравляем Вас с великим праздником – днём Независимости! Желаем Вам, крепкого здоровья и успехов в деятельности во имя процветания страны, а дружественному народу Туркменистана – мира и дальнейшего прогресса.

**С глубоким уважением,**

**Руководство и сотрудники компании «EDC ROMFOR LIMITED».**

## AGRI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

«Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýip nygtaýan hormatly Prezidentimiz, Size halkymyz hakynda edýän taýsyz tagallalaryňyz üçin çäksiz hoşallygymyzy bildirýäris.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan döwlet ähmiýetli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«IPS AGRI» bilelikdäki kärhanasynyň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## AJAÝYP BINA HOJALYK JEMGYÝETI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýüregimizden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!**

Garaşsyzlygyň gazanylmagy ýurdumyzyň syýasy, ykdysady taýdan özbaşdak ýola düşmeginiň, durmuş-ykdysady, medeni-ruhy ulgamlarda görlüp-eşidilmedik ösüş-özgerişlere eýe bolmagynyň badalgasyna öwrüldi. Size berk jan saglyk we uzak ömür, Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmeginiň hatyrasyna amala aşyrýan ilýurt bähbitli işleriňizde hemişe rowaçlyk arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AJAÝYP BINA» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

## Balgaýmak

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Ähli işgärlerimiziň adyndan Sizi we tutuş halkymyzy Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Size we halkymyza parahatçylyk, saglyk, hoşniýetlilik, abadançylyk hem-de ýurdumyzyň geljekde-de uly üstünlikler gazanmagyny arzuw edýäris! Goý, Garaşsyzlygymyzyň her güni halkymyza şatlyk hem-de täze üstünlikler eçilsin!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Kärhananyň ýolbaşçylary we işgärleri.**



# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 35 ÝYLLYGYNA

Täze aý



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýurdumyzyň baş baýramy bolan mukaddes ýurt Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk toýy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda asuda, abadan durmuşyň saýasynda, günsaýyn gülläp ösýän Türkmenistan Watanymyz özüniň hemişelik Bitaraplyk ýörelgesinden ugur alyp, Zeminde parahatçylygy, ylalaşygy, asudalygy berkarar etmekde uly tagallalary edýär. Gahryman Arkadagymyzyň hem-de, Arkadagly Gahryman Serdarymyz, Siziň bu ugurda öňe sürýän umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryňyzyň halkara derejede giňden ykrar edilmegi her birimizi diýseň guwandyrýar.

«Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ykdysadyýetde, senagatda, medeniýetde we ylym, bilim ugurlarynda gazanylýan üstünlikler dünýäni haýrana goýýar. Siziň bellän asylly maksatlaryňyzdan ugur alyp, bedew bady bilen öňe barýan ýurdumyzyň gazanýan uly üstünliklerine kärhanamyzyň agzybir işgärleri bolup goşant goşmak ugrunda yhlasly zähmet çekýäris. Munuň özi biziň üçin uly mertebedir, belent abraýdyr. Garaşsyzlyk baýramynyň uludan bellenilýän günlerinde gözel paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde il-ýurt bähbitli maksatnamalardyr taryhy çözgütler kabul edildi. Şol taryhy kararlarda beýan edilen belent maksatlar eziz Watanymyzyň ösüş-özgerişlerini has-da rowaçlandyrar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Sizi hem-de bagtyýar halkymyzy Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlap, berk jan saglyk, egsilmez güýç-gaýrat, uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÄZE AÝ» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# «DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ÝAPYK GÖRNÜŞLI PAÝDARLAR JEMGYÝETI



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistan belent maksatlara tarap bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Türkmenistanyň ykdysady, medeni we durmuş ösüşi giň gerimli maksatnamalary, durmuş-ykdysady, medeni aň-bilim, jemgyýetçilik-syýasy özgertmeleri üstünlikli amala aşyrmaga ýardam berýär. Nebitgaz, oba hojalygy, gurluşyk we energetika, ykdysadyýet, söwda we dokma, ulag we aragatnaşyk, medeniýet, ylym-bilim, saglygy goraýyş, sport we syýahatçylyk ulgamlarynda amala aşyrylýan giň gerimli işler Türkmenistanyň ykdysady taýdan ýokary depginler bilen ösýän hem-de ynamly öňe barýan döwletdigini görkezýär.

Dünýäde parahatçylygyň we ylalaşygyň pugtalandyrylmagy üçin tagallalary birleşdirýän, ählumumy ösüşiň, abadançylygyň hem-de rowaçlygyň bähbitlerine oňyn Bitaraplyk, parahatsöýüjilik, hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýan Garaşsyz döwlet hökmünde Türkmenistanyň halkara abraýy yzygiderli ýokarlanýar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Sizi ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DEŇIZ SÖWDA FLOTY» ýapyk görnüşli paýdarlar jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

ýüpekçi HOJALYK JEMGYÝETI



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýokary ruhubelentlikde bellenilýän Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň öňdengörüjilikli baştutanlygyňyzda dünýä halklary bilen deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalarydyr borçnamalaryny pugta berjaý edýän ýurt hökmünde mähriban Watanymyzyň abraýy günsaýyn belende galýar. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan ösüşleriň ak ýoluny mynasyp dowam etdirip, öňe sürýän asylly başlangyçlaryňyzyň dünýäde giňden ykrar edilýändigi ähli halkymyzy diýseň buýsandyrýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzyň halk hojalygynyň ähli ugurlarynda uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Bu asylly işlere hususy önüm öndüriji telekeçiler hökmünde goşant goşýandygymyz biziň üçin aýratyn ýakymlydyr. Ýurdumyzyň baş baýramynyň uludan toýlanylýan günlerinde ak mermerli paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde eziz Diýarymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmek üçin taryhy çözgütler kabul edildi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen ýene-de bir gezek gutlap, berk jan saglyk, egsilmez güýç-gaýrat, alyp barýan il-ýurt bähbitli işleriňizde uly rowaçlyklar arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÝÜPEKÇI» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

DOS "Dost gurluşyk, söwda, önümçilik" H.J.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň baştutanlygyňyzda dünýä halklary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy ileri tutýan hem-de halkara hukuk kadalaryny we borçnamalaryny gyşarnyksyz berjaý edýän döwlet hökmünde ýurdumyzyň abraýy belende galýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlan ýoluny dowam etdirip, Siziň öňe sürýän asylly başlangyçlaryňyzyň dünýäde giňden ykrar edilýändigi bizi buýsandyrýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetildi. Hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde çalt depginler bilen ösýän döwletleriň hataryna goşuldy. Garaşsyzlyga eýe bolan ilkinji günlerinden bäri jemgyýetiň abadançylygyna gönükdirilen taslamalary amala aşyrýan ýurdumyz tutuş sebitiň gülläp ösüşine hem-de durnuklylygyna goşant goşýan uly mümkinçilikleriň merkezine öwrüldi.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Sizi ýene-de bir gezek Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen gutlap, berk jan saglyk, egsilmez güýç-gaýrat, işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«DOST GURLUŞYK, SÖWDA, ÖNÜMÇILIK» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 35 ÝYLLYGYNA

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
BELENT MERTEBELI PREZIDENTIMIZ!**

Siziň daşyňyza mäkäm jebisleşen il-günümiziň agzybirliginde uludan toýlanyljak Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Siziň parasatly baştutanlygyňyzda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan gülläp ösýär, dünýäde iň ygtybarly, parahatçylyk söýüjilikli ýurtlaryň biri hökmünde tanalýar. Mukaddes Garaşsyzlygyň geçen 35 ýyllyk taryhynda Türkmenistan özüniň hemişelik Bitaraplyk ýörelgesinden ugur alyp, Ýer ýüzünde parahatçylygy, abadançylygy berkarar etmekde uly tagallalary edýän döwlet hökmünde giňden ykrar edildi. Siziň bu ugurda öňe sürýän umumadamzat ähmiýetli, parahatçylyk söýüjilikli başlangyçlaryňyzyň halkara jemgyýetçiligi tarapyndan giňden ykrar edilmegi ähli türkmen ilimizi buýsandyrýar. Halk hojalygynyň dürli ugurlarynda gazanylýan üstünliklere, il-ýurt bähbitli asylly işlere gurluşyk pudagynda iş alyp barýan telekeçiler hem uly goşant goşýarlar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul edilen taryhy kararlaryň bedew batly täze ösüş-özgerişlere badalga berjekdigine berk ynanýarys.

Sizi ýene bir gezek Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen gutlap, berk jan saglyk, egsilmez güýç-gaýrat, işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramy gutly-mübärek bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«NUR BINA GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň uzak geljegi nazarlaýan parasatly baştutanlygyňyzda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyzyň halkara at-abraýy barha belende galýar. Ýurdumyz halkara jemgyýetçiligi tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk ýörelgesinden ugur alyp, Ýer ýüzünde parahatçylygy, asudalygy berkarar etmekde uly tagallalary edýän döwlet hökmünde giňden ykrar edildi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan dünýäde okgunly ösýän, ykdysady taýdan kuwwatly döwletleriň hataryna goşuldy. Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden bäri jemgyýetimiziň abadançylygyna, raýatlaryň bolelin durmuşda ýaşamagyna gönükdirilen taslamalary amala aşyrýan Diýarymyz tutuş sebitiň gülläp ösüşine hem-de durnuklylygyna ägirt uly goşant goşýar. Ýurdumyzyň çar künjeginde döwrebap senagat kärhanalary, täze ýollar, medeniýet, saglyk maksatly binalar gurlup, ulanylmaga berilýär. Sebitde gurlan ilkinji «akylly» şäher hökmünde ykrar edilen Arkadag şäheri bu günki ösüş-özgerişlerimiziň, döwletiň berkararlygynyň aýdyň güwäsidir. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda gazanylýan üstünliklere biziň kärhanamyzyň hem gurluşyk pudagynda alyp barýan işleri bilen goşant goşýandygyna diýseň buýsanýarys.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Asylly däbe eýerilip, gözel paýtagtymyzda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul edilen il-ýurt bähbitli maksatnamalardyr taryhy çözgütler ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny mundan beýläk-de artdyrar.

Sizi hem-de ähli halkymyzy Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk baýramy bilen ýene bir gezek tüýs ýürekden gutlap, Size berk jan saglyk, uzak ömür, alyp barýan işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«AK GATNAW» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Çuňňur hormatlanylýan belent mertebeli Prezidentimiz!**

Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ähli ugurlarda batly gadamlar bilen öňe barýan Watanymyzyň baky Bitarap ýurt hökmündäki halkara at–abraýy barha belende galýar. Milli ykdysadyýetimiziň ähli ulgamlary bilen bir hatarda, gurluşyk we senagat pudagy hem ýokary depginlerde ösýär. Türkmenistanyň gurluşyk-senagat toplumy uly ösüşlere beslenýär. Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan taryhy özgertmelerini mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz, Siziň: «Ähli ösüşlerimiziň, üstünliklerimiziň, abadançylygymyzyň gözbaşy bolan mukaddes Garaşsyzlygymyzyň, baky Bitaraplygymyzyň saýasynda telekeçilerimiziň mundan beýläk hem yhlaslaryny gaýgyrman tutanýerli zähmet çekjekdiklerine berk ynanýaryn» diýen sözleriňizden ruhlanyp, ýurdumyzda gurluşyk, senagat önümçiligi, ýol gurluşygy ulgamynda telekeçiler uly işleri alyp barýarlar. Biz telekeçiler bolup, «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda gazanylýan taryhy üstünliklere goşant goşmak üçin gijämizi gündiz edip, yhlasly, halal zähmet çekýäris. Garaşsyzlyk baýramynyň uludan bellenilýän günlerinde halkymyzyň agzybirliginde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen çözgütleriň eziz Watanymyzy mundan beýläk-de rowaçlyklara beslejekdigine berk ynanýarys.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Sizi hem-de ähli halkymyzy Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, uzak ömür, il-ýurt bähbitli işleriňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

Baş baýramymyz – Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«OJAR AZIÝA» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

## «ÇEPER GURLUŞYK» H. K.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOWA
HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Kärhanamyzyň ýolbaşçylary we agzybir işgärleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen Sizi we mähriban halkymyzy tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarlar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Siziň täze taryhy döwrümizde yglan eden «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgäňize laýyklykda, öňde goýlan belent maksatlar üstünlikli durmuşa geçirilýär. Ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty has-da ýokarlanyp, ata Watanymyz dünýäde syýasy we ykdysady taýdan durnukly ösýän ýurt hökmünde ykrar edilýär. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda biziň işgärlerimiz hem ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna özleriniň mynasyp goşandyny goşýarlar.

Berkarar döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagy, halkymyzyň eşretli we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin beýik işleri amala aşyrýan **hormatly Prezidentimiz**, Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, umumadamzat bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny, ata Watanymyz Türkmenistanyň agzybir halkyna bolsa ýurt abadançylygyny, şeýle hem eziz Watanymyzyň ajaýyp durmuşynyň hözirini görüp we buýsanyp ýaşamagy arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«ÇEPER GURLUŞYK» hususy kärhanasynyň
ýolbaşçylary we işgärleri.**

# BEÝIK GARAŞSYZLYGYMYZYŇ 35 ÝYLLYGYNA

BANK SADERAT IRAN
Ashgabat branch



## TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Hormatly Prezident!**

Eýran Yslam Respublikasynyň «Saderat» bankynyň işgärleriniň adyndan hem-de hut öz adymdan Sizi we Türkmenistanyň halkyny Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýaryn!

Garaşsyzlyk halkyň öz ykbalyny öz eli bilen gurmaga bolan mizemez erkiniň, milli buýsanjynyň we röwşen geljege bolan ynamynyň beýik nyşanydyr. Geçen 35 ýylyň dowamynda Türkmenistan özbaşdak ösüş ýolunda uly üstünlikleri gazanyp, parahatçylygy, durnuklylygy we abadançylygy ileri tutýan döwlet hökmünde halkara giňişliginde mynasyp orny eýeledi.

Eýran bilen Türkmenistanyň arasyndaky taryhy köklere, hoşniýetli goňşuçylyga we özara hormata esaslanýan dost-doganlyk gatnaşyklarynyň mundan beýläk-de pugtalanyp, söwda-ykdysady, maliýe-bank we beýleki möhüm ugurlardaky hyzmatdaşlygyň täze sepgitlere ýetjekdigine berk ynanýarys.

**Çuňňur hormatlanylýan Prezident!**

Şu şanly baýramçylyk gününde Size berk jan saglyk, egsilmez güýç-kuwwat we jogapkärli döwlet işiňizde täze üstünlikleri, Türkmenistanyň doganlyk halkyna bolsa parahatçylyk, abadançylyk, bagtyýarlyk hem-de uly ösüşleri arzuw edýärin!

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**dolandyryjy Soruş HASSANI.**

BOUYGUES TÜRKMEN

## ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI JENAP SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!**

Türkmenistanyň taryhyndaky ajaýyp waka – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy mynasybetli iň mähirli, tüýs ýürekden çykýan gutlaglarymyzy we arzuwlarymyzy kabul etmegiňizi haýyş edýäris!

Garaşsyzlyk güni ýurduň beýikliginiň, türkmen halkynyň synmaz ruhunyň, agzybirliginiň we jebisliginiň, döredijilik kuwwatynyň hem-de ertirki güne bolan ynamynyň nyşany bolup durýar.

Garaşsyzlygyň 35 ýylynyň içinde Türkmenistan döwlet we jemgyýetçilik ösüşiniň ähli ulgamlarynda uly üstünlikleri gazanyp, halkara abraýyny ynamly pugtalandyrdy hem-de mundan beýläk-de gülläp ösmegi üçin berk binýat döretdi. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» şygary astynda geçýän ýubileý ýylynda ýurduň täze üstünliklere barýan ýolunda ygtybarly ugur bolup hyzmat edýän parahatçylygyň, hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň, döredijiligiň we durnukly ösüşiň ýörelgelerine ygrarlydygyny aýdyň görmek bolýar.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ösüşine goşant goşmak şereketimiz üçin uly mertebedir. Biz mundan beýläk hem ýurduň gülläp ösmegine ýardam berýän döwrebap we innowasion taslamalary amala aşyrmaga öz bilimimizi, tejribämizi hem-de hünär mümkinçiliklerimizi gönükdireris. Türkmenistanyň strategik maksatlaryny we ösüş ugruny goldap, biz howpsuzlygyň, hiliň, jogapkärçiligiň hem-de hünär kämilliginiň iň ýokary ölçeglerine ygrarly bolup, ýurduň milli däp-dessurlaryna hem-de medeni gymmatlyklaryna çuňňur hormat goýýarys.

Şu şanly baýramçylyk mynasybetli Sizi we bütin türkmen halkyny ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlaýarys! Size berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, ruhubelentlik we Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistanyň mundan beýläk-de gülläp ösmegi ugrunda täze üstünlikleri arzuw edýäris! Goý, täze üstünlikler we beýik ýeňişler döwletiňiziň kuwwatyny has-da pugtalandyrsyn hem-de halkara abraýyny mundan-da belende götersin!

***Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident, Size bolan iň ýokary sylag-hormatymyzy kabul etmegiňizi haýyş edýäris.***

***«BOUYGUES TURKMEN» şereketiniň ýolbaşçylary we işgärleri***

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА ГОСПОДИНУ СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый Господин Президент!**

Примите наши самые тёплые, сердечные и искренние поздравления с выдающимся событием в истории страны - 35-летием независимости Туркменистана!

День Независимости является символом величия страны, несгибаемого духа, единства и сплочённости туркменского народа, его созидательной энергии и уверенности в завтрашнем дне.

За 35 лет независимости Туркменистан достиг впечатляющих успехов во всех сферах государственного и общественного развития, уверенно укрепив свой международный авторитет и создав прочную основу для дальнейшего процветания. Проходящий под девизом «Независимый, нейтральный Туркменистан - Родина целеустремлённых крылатых скакунов» юбилейный год ярко отражает приверженность страны принципам мира, добрососедства, созидания и устойчивого развития, которые служат надёжным ориентиром на пути к новым достижениям.

Для нашей компании является большой честью участвовать в развитии независимого и нейтрального Туркменистана. Мы и впредь будем направлять свои знания, опыт и профессиональный потенциал на реализацию современных и инновационных проектов, способствующих дальнейшему процветанию страны. Разделяя стратегические цели и устремления Туркменистана, мы с глубоким уважением относимся к его национальным традициям и культурным ценностям, сохраняя приверженность самым высоким стандартам безопасности, качества, ответственности и профессионализма.

Ещё раз от всей души поздравляем Вас и весь туркменский народ с этим знаменательным праздником! Желаем крепкого здоровья, счастья, благополучия, вдохновения и новых успехов во имя дальнейшего процветания независимого и нейтрального Туркменистана. Пусть новые достижения и великие свершения укрепляют мощь государства и приумножают его славу на мировой арене!

***Соблаговолите принять, Глубокоуважаемый Господин Президент, заверения в нашем самом высоком уважении и почтении.***

***Руководство и сотрудники компании «BOUYGUES TURKMEN»***

CNPC

## ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Уважаемый господин Президент!**

От имени филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC IT) сердечно поздравляем Вас и весь братский народ Туркменистана с знаменательной датой – 35-летием Независимости Туркменистана.

За годы независимости Туркменистан под Вашим мудрым руководством добился значительных успехов в социально-экономическом развитии, последовательно укрепляет свой международный авторитет и вносит весомый вклад в обеспечение мира, стабильности и устойчивого развития в регионе.

С особым удовлетворением отмечаем высокий уровень традиционно дружественных и взаимовыгодных отношений между Китайской Народной Республикой и Туркменистаном. Китайская Национальная Нефтегазовая Корпорация высоко ценит многолетнее плодотворное сотрудничество с Туркменистаном в нефтегазовой сфере и гордится своим вкладом в развитие стратегического энергетического партнёрства между нашими странами.

Убеждён, что благодаря Вашему постоянному вниманию и поддержке наше взаимовыгодное сотрудничество будет и впредь последовательно расширяться и укрепляться, способствуя благополучию народов Китая и Туркменистана.

**Уважаемый господин Президент!** В этот праздничный день желаю Вам крепкого здоровья, счастья и новых выдающихся успехов в Вашей ответственной государственной деятельности, а дружественному народу Туркменистана – мира, благополучия, процветания и дальнейших свершений.

**С глубоким уважением,**

**Ду ЮЙМИН,**
**Генеральный директор филиала Китайской Национальной Нефтегазовой Корпорации «Интернационал Лтд.» (CNPC IT) в Туркменистане.**

HUAWEI

## TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!** Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny baş döwlet baýramçylygy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Türkmenistanyň Garaşsyzlygy türkmenistanlylar üçin halkyň erkinliginiň we döwlet özygtyýarlylygynyň nyşany bolup, watansöýüjiligiň belent nusgasydyr. Türkmenistanda 35 ýylyň dowamynda ägirt uly işler durmuşa geçirildi. Oňyn Bitaraplyk, parahatçylyksöýüjilik hem-de hoşniýetli goňşuçylyk syýasatyny alyp barýan ýurt hökmünde Türkmenistanyň abraýy has-da belende galýar. Siziň parasatly baştutanlygyňyzda ykdysadyýetiň durnukly we utgaşykly ösdürilmegine, onuň dünýäniň ykdysady giňişligine netijeli goşulyşmagyna, şeýle hem giň gerimli milli taslamalaryň durmuşa geçirilmegine ägirt uly ähmiýet berilýär.

Biziň kompaniýamyzyň agzybir işgärleri Türkmenistanyň ösüşine hem-de aragatnaşyk pudagynda alnyp barylýan işlere goşant goşmak mümkinçiligine eýe bolandygyna buýsanýarlar.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!** Biz Size berk jan saglygyny, uzak ömür, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany täze belentliklere çykarmak, ýurduň zähmetsöýer halkynyň bagtly we abadan durmuşyny üpjün etmek ugrunda alyp barýan işiňizde uly üstünlikleri arzuw edýäris!

**Iň gowy arzuwlar bilen,**

**«HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» kompaniýasynyň Türkmenistandaky wekilligi.**

## ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ

**Глубокоуважаемый господин Президент!** Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с главным государственным праздником страны – 35-й годовщиной Независимости Туркменистана!

Независимость Туркменистана олицетворяет свободолюбие нации и страны, суверенность государства и истинный патриотизм туркменистанцев.

На протяжении 35 лет в Туркменистане проводится огромная созидательная работа. Растёт авторитет Туркменистана как государства, проводящего политику конструктивного нейтралитета, миролюбия, добрососедства. Под Вашим руководством уделяется огромное значение стабильному и скоординированному развитию экономики, её успешной интеграции в мировое экономическое пространство, а так же реализации широкомасштабных национальных проектов.

Наша компания и все её сотрудники гордятся возможностью вносить свой посильный вклад в развитие Туркменистана, и в работу проводимую в области связи.

**Глубокоуважаемый господин Президент!** Мы от всего сердца желаем Вам доброго здоровья и долголетия, больших успехов в Вашей созидательной деятельности, призванной обеспечить восхождение постоянно Нейтрального и Независимого Туркменистана к новым высоким рубежам, мирную, счастливую и благополучную жизнь трудолюбивого народа страны!

**С наилучшими пожеланиями,**

**Представительство компании «HUAWEI TECH. INVESTMENT CO., LTD» в Туркменистане.**



SINOPEC

**TÜRKMENISTANYŇ ÇUŇŇUR HORMATLANYLÝAN PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA**

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!** Sizi we Türkmenistanyň ähli halkyny baş döwlet baýramçylygy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Bu baýramçylyk güýçli, Garaşsyz, hemişelik Bitarap we ösüşlere beslenýän ýurduň, erkinligiň we beýikligiň nyşanyna öwrüldi. Bu geçen döwürde Türkmenistan döwlet we durmuş-ykdysady ulgamynda ynamly öňe barýandygyny äşgär etmekligi başardy. Kanunçylyk we demokratiýa ulgamy kämilleşdirilýär. Täze ýollar, zawoddyr fabrikler gurulýar, ýurduň sanly infrastrukturasy kämilleşdirilýär, ýerli önümçiligiň eksport kuwwaty yzygiderli artdyrylýar. Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllary işjeň önümçilik we kämilleşdiriş işlerine beslendi. Türkmenistan tarapyndan saýlanyp alnan ykdysady ösüş ýoly bolsa raýatlaryň durmuş-ykdysady şertleriniň gowulandyrylmagyna gönükdirildi.

Ynanylan uly göwrümli taslamalary tehnologiýanyň soňky gazananlaryny, ýokary hilli harytlary ulanmak arkaly amala aşyrmakda, şeýle hem adam zähmetiniň goraglylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmekde bildirilýän talaplara ygrarlydygymyzy görkezmek arkaly Türkmenistan bilen köpýyllyk hyzmatdaşlygymyzy dowam etdirmek biz üçin uly abraýdyr.

**Çuňňur hormatlanylýan jenap Prezident!** Sizi ýene bir gezek ählihalk baýramçylygy bilen tüýs ýürekden mübärekleýäris! Size berk jan saglyk, Türkmenistanyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan giň gerimli işleriňizde üstünlikler arzuw edýäris!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**Jin HAIFENG,**
**Hytaý nebithimiýa korporasiýasynyň (SINOPEC) ýanyndaky Halkara nebit serwis kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasynyň direktory.**

**ЕГО ПРЕВОСХОДИТЕЛЬСТВУ, ПРЕЗИДЕНТУ ТУРКМЕНИСТАНА СЕРДАРУ БЕРДЫМУХАМЕДОВУ**

**Глубокоуважаемый господин Президент!** Сердечно поздравляем Вас и весь народ Туркменистана с главным государственным праздником страны – 35-й годовщиной Независимости Туркменистана!

Этот праздник стал символом свободы и величия, символом сильной, Независимой, Нейтральной и развивающейся страны. За годы своей истории Туркменистан неизменно демонстрирует уверенное поступательное движение в сфере государственного и социально-экономического развития. Совершенствуется законодательство, развиваются демократические институты. Строятся новые дороги, заводы и фабрики, совершенствуется цифровая инфраструктура, наращивается экспортный потенциал отечественной индустрии. Годы независимости Туркменистана наполнены свершениями и созидательным трудом, а путь активного экономического прогресса, избранный Туркменистаном, нацелен на всестороннее улучшение социально-экономических условий жизни людей.

Для нас высокая честь продолжать многолетнее сотрудничество, участвуя в реализации доверенных нам масштабных проектов, с применением самых современных технологий, высококачественных материалов и с соблюдением самых строгих требований по охране и безопасности труда.

**Глубокоуважаемый господин Президент!** Ещё раз искренне поздравляем Вас со всенародным праздником. Желаем Вам крепкого здоровья, претворения в жизнь всех планов и больших успехов в проводимой Вами масштабной работе во имя дальнейшего процветания Туркменистана!

**С глубоким уважением,**

**Цзинь ХАЙФЭН,**
**директор филиала Международной нефтяной сервисной компании при Китайской нефтехимической корпорации (SINOPEC) в Туркменистане.**



TÜRKMEN ENJAM

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**

Sizi we ähli halkymyzy «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at-myradyň mekany» ýylynda ýurdumyzda uly ruhubelentlik, çäksiz şatlyk we buýsanç bilen bellenip geçilýän baş baýramymyz – mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen ähli işgärlerimiziň adyndan tüýs ýürekden gutlaýarys!

**Hormatly Prezidentimiz!** Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Siziň baştutanlygyňyzda gün-günden berkäp, ýokary depginler bilen ösýär we belent sepgitlere ýetýär. Häzirki beýik taryhy eýýamda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe agzybirlikde ýaşaýan, yhlasly zähmet çekýän, döredýän halkymyz Siziň eziz Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygyny, hemişelik Bitaraplygyny pugtalandyrýan beýik işleriňize, umumadamzat ähmiýetli başlangyçlaryňyza we ýörelgeleriňize çäksiz guwanýar hem-de buýsanýar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!** Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy mynasybetli Sizi ýene-de bir gezek tüýs ýüregimizden mähirli gutlaýarys!

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!** Siziň janyňyzyň sag, ömrüňiziň uzak, belent başyňyzyň aman, mertebäňiziň mundan-da belent, türkmen halkynyň röwşen geljegi üçin alyp barýan tutumly işleriňiziň hemişe rowaç bolmagyny arzuw edýäris!

Garaşsyzlyk baýramyňyz gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN ENJAM» hojalyk jemgyýetiniň işgärleriniň adyndan Hydyr Gurbanow.**

PETRONAS

### ONUŇ ALYHEZRETI, TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA

**Hormatly jenap Prezident!**

PETRONAS kompaniýasynyň adyndan Sizi hem-de Türkmenistanyň halkyny Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlaýarys!

Bu şanly baýramçylyk mynasybetli Size berk jan saglyk, abadançylyk we jogapkärli döwlet işiňizde uly üstünlikleri, Türkmenistanyň halkyna bolsa parahatçylyk, rowaçlyk we mundan beýläk-de gülläp ösüşi arzuw edýäris!

PETRONAS kompaniýasy Türkmenistan bilen ýola goýlan uzak möhletli we özara bähbitli hyzmatdaşlyga ýokary baha berýär we hyzmatdaşlygymyzyň geçen 30 ýylynyň dowamynda uly netijeleriň gazanylandygyny buýsanç bilen bellemek isleýäris.

**Sizi çuňňur hormatlamak bilen,**

**«PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd» kompaniýasy**

### TO HIS EXCELLENCY, PRESIDENT OF TURKMENISTAN SERDAR BERDIMUHAMEDOW

**Honorable Esteemed President!**

On behalf of PETRONAS, we extend our warmest congratulations to Your Excellency and the people of Turkmenistan on the auspicious occasion of the 35th Anniversary of the Independence of Turkmenistan.

On this special occasion, we wish Your Excellency good health and continued success, and the people of Turkmenistan peace, prosperity and further progress.

PETRONAS highly values the long-term and mutually beneficial partnership established with Turkmenistan and is proud to note that significant results have been achieved over the past 30 years of our cooperation.

**With deep respect,**

**PETRONAS Carigali (Turkmenistan) Sdn Bhd**

## «TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J.

## «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**



«Mercedes-Benz» kompaniýasynyň Türkmenistandaky resmi dileri bolan «Türkmen Gurluşyk Tehnika Serwis» hojalyk jemgyýetiniň ýolbaşçylary we agzybir işgärleri mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 35 ýyllyk baýramy bilen Sizi we mähriban halkymyzy tüýs ýürekden mähirli gutlaýarlar. «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan – bedew batly at – myradyň mekany» ýylynda biziň işgärlerimiz hem ýurdumyzyň ykdysady kuwwatynyň artmagyna özleriniň mynasyp goşandyny goşýarlar.

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Siziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgäňizden ugur alyp, Garaşsyzlyk ýyllarynda agzybirlikde uly zähmet üstünliklerini gazanýan, seneleri şanly wakalara beslenýän merdana halkymyz bagtyýar geljege tarap ynamly gadam urýar.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Siziň janyňyzyň sag, başyňyzyň dik, berkarar döwletimiziň ykdysady kuwwatynyň ýokarlanmagy, halkymyzyň eşretli we bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin amala aşyrýan umumadamzat bähbitli işleriňiziň rowaç bolmagyny, ata Watanymyz Türkmenistanyň agzybir halkyna bolsa ýurt abatlygyny, şeýle hem eziz Watanymyzyň ajaýyp durmuşynyň hözirini görüp we buýsanyp ýaşamagyny arzuw edýäris!

Goý, ýurdumyz abat, ilimiz abadan bolsun!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«TÜRKMEN GURLUŞYK TEHNIKA SERWIS» H.J. «MERCEDES-BENZ» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DILERI**

## «MERTLIK RUHY» H.J.

## «HYUNDAI» TÜRKMENISTANDAKY RESMI DISTRIBÝUTORY

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWA HORMATLY PREZIDENTIMIZ!**



Siziň ýurdumyzyň baş baýramy – Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramy bilen tüýs ýürekden hem-de mähirli gutlaýarys!

**Sarpasy belent Prezidentimiz!**

Siziň baştutanlygyňyzda ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda amala aşyrylýan işler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi dünýäde ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösýän kuwwatly döwletleriň birine öwürýär. Halkymyzyň bagtyny äleme buşlaýan Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň her bir güni uly ösüşlere we rowaçlyklara beslenýär. Mähriban Watanymyzyň gülläp ösmegine we halkymyzyň bagtyýar ýaşaýşyny üpjün etmäge gönükdirilen, çuňňur pähim-paýhasa, belent ynsanperwerlige ýugrulan, uzak geljegi nazarlaýan umumadamzat bähbitli syýasatyňyz Garaşsyzlygyň 35 ýyllyk baýramynyň bellenilýän ýylyny gojaman taryhyň altyn sahypalaryna ýazýar.

**Arkadagly Gahryman Serdarymyz!**

Siziň ýoluňyz bagta barýan nurana ýoldur, onuň gözbaşy watançylykdyr, maksady halka ak ýürekden hyzmat etmekdir, zandy halallyk, şygary ynsanperwerlikdir, binýady berkararlyk, Tugy agzybirlikdir. Halkymyz bu ösüşli ýolda Siziň daşyňyza mäkäm jebisleşip, döredijilikli zähmet çekýär.

**Hormatly Prezidentimiz!**

Size berk jan saglyk, uzak ömür, egsilmez gujur-gaýrat hem-de rowaçlyk arzuw edýäris!

Türkmenistanyň Garaşsyzlyk güni gutly bolsun!

**Size çuňňur hormat goýmak bilen,**

**«MERTLIK RUHY» H.J.**
**«HYUNDAI» Türkmenistandaky Resmi distribýutory**

MERTLIK RUHY | HYUNDAI